# Gara ýyldyrym / Ikinji bölüm -10: dowamy

Category: Kitapcy,Sözler,Taryhy proza
написано kitapcy | 26 января, 2025
Gara ýyldyrym / Ikinji bölüm -10: dowamy 10.

Bagaja obasyna ýagy döküldi.
Atanyýaz daňdanyň ümüş-tamyşynda çekmenini ýelbegeý atyp daş çykypdy. Günortadan ýyly öwüsgin ýüzüne urdy. Ertir çagynyň jana ýakymly salkynlygyny duýmady. Süňňünde ukusyny almadyk adamyň agyrlygy bardy, kellesine gum dykylan ýalydy. Gulaklary şaňlady. Maňlaýy barha gysyldy, agyry bäbenegine, gabaklaryna ýaýrady.
Das şapagynda hemişeki arassalyk, durulyk görmedi, bulançakdy. Howadan tot-tozanyň ysyny aldy. Häzirlikçe töwerek imisalalyk-da bolsa, gün dogup, adam boýy galanda, şemal güýjäp, gözýetim baglanar. Ýelli howa Atanyýazyň keýpini gaçyrardy, durmuşyň rahatlygy bozulýardy. Daşarda ýel bolsa, sekiz ganat öýüň ýakymy azalýardy. Iň bärkisi, şemalyň gamşy sypap edýän zaryn heňinden, aýaklap barýan ömrüniň gamly pellesini ýatladýan many duýardy.
Atanyýaz häzir şemalyň çaltrak turaryny, güýçlenerini diledi. Şemal tursa, çöldeki ýollar ýiter, yz çaljaklaryň gözüni baglar.
Inisi dolanmandy. Taýagatym gapdalda dikilen öýüň gapysynda onuň atyny görmedi. Galkan batyryn-da aty ýokdy. Onuň bimaslahat, duýdansyz ýitirim bolmagy, uzak gije Atanyýazyň böwrüne sanjy boldy. Öwürdi-çöwürdi, özüni arkaýynlaşdyrjak delil tapmady. Her näme-de bolsa, maşgalasyny goýup gidenine şükür etdi.
Ol gezmeläp ýörşüne Galkanyň öýüniň gapdalyndan geçdi. Öýüň durlugyny aýlap, üzügini atypdyrlar, gamyşyny tutmaga ýetişmändirler. Goş-golam daşarda çaşyp ýatyrdy. Jaňjagazyň sesi eşidildi. Mallar örä hyýal edýändiklerini duýdurdylar. Jaňyň sesi gulaga ýakym berdi. Bu ses täze ýurtda ýaşaýşyň

dowam edýändigini aňlatdy. Salymly ýurt tutmak nesip etse, tagam bişýän ojaklaryň, mal ýataklarynyň ysy bu boşlugy doldurar, adamyň tenindäki ysyň geýime ornaşyşy dek, obanyň süňňüne ornar.
Ýat ilden getirilen iki ýesir öýüň bir böwründe ýatandyr. Sähradan tutulan jereniň çebşegi ýaly, garaňky gijä diň salýandyrlar. Gözlerinde gorky, ýüreklerinde umyt bardyr, hossarlarynyň gelerine garaşýandyrlar. Olaryň ykbaly barada Atanyýaz takyk bir zat aýdyp biljek däldi. Adamlaryň dözmezçiligi, has beteri-de, olary girew saklamaga döwtalap bolmazlyklary Atanyýazy alada goýdy. Olaryň ele salynmagy bilen bagly, obadaşlarynda buýsanç görjekdi. Gaýduwsyzlygy mazamlamak isläpdi. Uly serdaryň makul sözüne garaşýardy. Eger Uly serdar makullasa, ýemrelileriň üstüne gidenleriň kimdigi bilen adamlar gyzyklanyp durmaz, obanyň kethudasynyň ady tutular, has takygy, Atanyýazyň ady tutular. Endişe maýyl boljak adam beýle töwekgellige ýüz urmazdy diýerler. Bu etmişi diňe namys işi diýip bilerler. Uly serdar ony äsgermäge, geňeş ýerinde gapdalyndan orun bermäge mejbur bolar.
Galkan batyr adamlar düşünişýänçäler, iki ýesire öwrenişýänçäler, olaryň gözlerine basylyp durmaýyn, möhlet bereýin diýip, bir ýana gidendir. Obadan iň bolmanda, maşgalasyndan arkaýyn bolmasa, ol gitmezdi. Galkan batyr çölüň, dagyň börisi. Ol ertirki boljak ahwalaty şu gün ysyrganyp bilýän adam.
Atanyýaz onuň oba goşulanyna begenipdi. Galkan ýalylaryň batyrlygy, töwekgelligi il-günüň namys damaryndan akýan al gany hemişe gyzgyn saklap biljek ot mysaly derwaýysdy. Çakmak daşynyň uçgunyndan uly odun döreýşi dek, adamlaryň ýüreginde namys oduny tutaşdyrýardy.
Her ýerden-her ýerden asgyryp-üsgürip, ardynjyran daş çykýan ýaşuly adamlar täret gylmagyň mahalydygyny ýatanlara duýdurdylar.
Atanyýaz öýüne dolandy, täret gylyp, ertir namazyna durdy. Iki gezek eglip-galmaga ýetişdi. At toýnaklarynyň güpürdisi oba doldy. Keýgiň yzyndan kowýan topar atlynyň şowhunyny ýada salýan gykuw sesler güpürdi bilen garyşyp, obanyň gaýra çetine

çykdy. Atanyýazy der basdy, ol namazlygyň üstünden aýrylyp bilmän durşuna umyt etdi, Annanyýazyň yzyna düşüp gelen atlylar şowhun turuzýan bolmasyn diýdi, diýse-de, ätiýaç, gorky eýýäm süňňüne ornapdy. Dili endigine görä ýat tutulan sözleri gaýtalaýardy, emma namazyň dowam edýändiginden huşy bihabardy.

Gapy serpildi.

Orazsoltanyn habary gara ýel kimin haplap öýe doldy.

– Ýagy dökülendir-u-u… çykaweri!

Atasyndan pena gözläp, oglan-uşak, gelin-gyz öýe kürsäp girdi. Olaryň arasynda Annanyýazyň çagalary-da bardy.

Orazsoltan şark-şurk gapyny ýapdy, egnini berip, gapa direg boldy, käýindi.

– Ýagyny yzyna tirkäp gaýdypdyr, ýer ýuwutmyş.

Ol Galkana käýinýärdi. Galkanyň ýitirim bolmagy, indi Atanyýaza juda geň göründi, ýöne kelle döwüp durmaga pursat ýokdy. Itiň agzyndan sypan ýaly, gorkudan ýüzleri ak esgä dönen, gözleri aýylganç ýitelen ejiz adamlar bir ýüze, bir göze öwrülip, Atanyýaza seretdi. Tutda-baslygyň çözgüdi onuň emrine bagly ýaly, demlerini alman garaşdylar.

Obanyn goh-galmagaly artdy, oňa itleriň sesi-de goşuldy.

Atanyýaz namazlygy togalady. Içine düşen galpyldy elinde, aýagynda sandyrama döretdi. Öz-özüne aljyrama, aljyraýanyňy duýdurma diýip buýurdy. Seniň aljyraýanyňy görseler, saňa garap duran ejizler näder!

Iki oglunyň öýde däldigini bilýärdi, olar malyň ýanyndadylar, ýagy çozanyndan olar bihabardyr. Olaryň bihabarlygyna gynanmady. Öýde bolsalar garpyşmaly bolardy, garpyşygyň sonunyň nähili gutarjagyny Alla bilýär. Bu gowgaly dünýäde başyňyaman saklamak-da kiçi iş däldir.

Atanyýazyň entek umydy bardy, ýagy bilen ylalaşyp bolar öýdýärdi. Ýesirlerini gaýtarmalydy, ötünç soramalydy. Olar dili bir, asly bir türkmendir, aýdylana-da, diýlene-de düşüner.

Olaryň obany tapyşlary geňdi, juda geňdi. Ýoly yzarlap geler diýseň, gije ýol çalyp bolanok. Kimdir biri salgy beren bolmasyn? Kim salgy berip biler. Obadan öji bar adam, iline

hyýanat etjek näletkerde salgy berip biler. Kimiň öçlüdigini, kimiň näletkerdedigini seljermäge häzir onuň paýhasy ýetişmedi. Barha golaýda eşidilýän güpürdi, galmagal beýnisini sarsdyrdy. Emma Galkan batyryň obadan duýdansyz gitmegi hakdaky pikir onuň hakydasyndan çykanokdy.
— Galkan görünýän däldir?
— Galkany ýer hopsun!
Atanyýaz daş çykdy, aýaly yzyndan galmady. Orazsoltan gapyny jebis ýapyp, bosaganyň öňünden aýrylmady.
Atanyýaz ýagdaýyň hyýal edişinden çatakdygyna bada-bat düşündi. Öýleriň arasynda gaýdyrylyp ýören atlylar sanap çykardan köpdi. Iň ýaman ýeri, atlylaryň aglabasy türkmene meňzänokdy. Başlarynda pürsiýanyň zömmek telpegi — kulahy bardy. Döşlerinde çaraýna1, eginlerinde jöwşen2. «Eý-ho! Bularyň gazaby ýamandyr, bulara söz düşündirip bolmaz».
Atanyýaz hemaýat isläp töwerekdäki gum depelerine garady. Adam-gara görünmedi. Betbagtlygy goňşy-golama duýdurar ýaly nähili çäre tapsa bolar?..
Ol agtygyny çagyrdy:
— Allanazar! — Ýanaşyk öýden ýetginjek oglan böküp çykdy. — Ýet, dädeňi tap, il-güne habar bersin, pürsiýanlar çozdy diý.
Ýetginjek ýalaňaç atyň üstüne guş kimin gondy. Atanyýazyň hataryna aralaşan üç atly goh turzup onuň yzyna düşdi. Gapydan daýyrdaşyp geçenlerinde, Allanazar eýýäm ses ýetimdäki alaňa dyrmaşypdy. Üç atlynyň ikisi pürsiýan, biri türkmendi.
Orazsoltan türkmeniň yzyndan gygyryp galdy.
— Türkmeniň çagasydyr, rehimiň insin!..
Olar kowgynyň manysyzdygyna düşünen bolsalar gerek, alaňa galyp atlarynyň başyny çekdiler. Orazsoltan kanagatyny aýan etdi.
— Hudaý olaryň ýüregine rehim inderendir.
Iki pürsiýan galmagal turzup alaňdan bäri gaýtdy. Olaryň gaharynyň, öjüniň öz başyndan injekdigine düşünen Atanyýaz juda kyn-da bolsa rahatlyk saklaýan kişi bolup görünmäge çalyşdy, mertebesiniň belentligini göz edýän şekilde, başyny belent tutup, topulyp gelýän atlylaryň öňüni gabalady, gabarasy bilen olaryň togtamaklaryny, adam şekilli

gürleşmeklerini ündedi.
Atanyýazyň depesinden gamçy indi. Telpegi atyň aýagynyň astyna zyňlyp düşdi. Telpegini almak üçin egilende, it ýaly gabyrdap, iki pürsiýan ony saýgylamaga durdy. Awyly gamçynyň azary onuň ýüregine ornady. Atanyýaza kemsitmäniň azary gamçydan beter degdi. Edil şu pursat ogullarynyň ýokdugyna gynandy.
Türkmen tomaşa edýän ýaly, olaryň daşynda pyrlandy.
— Oglany nirä ýolladyň?.. — diýip, hemle urdy. — Ýerden ýöräniňiz gelsin, erkek göbekliň gylyç syryp gelsin!.. Oglan nire gitdi? Aýt-da başyňy gutar, sakgalyň agyna sylag bolar öýtme.
Atanyýaz gamçydan goranyp, ýegşerilip, elindäki telpegini kellesine geýdi, üstüne sürünýän türkmene garady. Gözleri gan guýma, iki eňek, burnunyň her deşigine ýumruk sokaýmaly, dodakman ýigidi gördi.
— Biz gan sorap geldik — diýip sojady. — Bir ýigide derek onyňyzyň başyňyz kesiler.
Atanyýaz: han ogly, beg ogly bolsun gerek diýip çak etdi, onuň aýagyndaky sokma ädikden, egnindäki jöwşenden çen tutdy, has beteri demi ýer ýarýardy.
Iki pürsiýan olara sözleşmäge maý berdi.
Atanyýaz kemsidilmäniň kekreden beter ajysyny ýuwdup, güýji ökdä töwalla etdi.
— Gan algyň bolsa, hun bilen göwnüňi taparys.
— Hunuňy özüňe goý, bize gan gerek.
— Säwlik bolandyr, dili bir bolan il ýaragsyz-da düşünişip bilerdi.
— Bi akyl sözüňi öňräk öz kellekeserleriňe aýtmaly ekeniň. Sakgalyň uzynlygyna seretme, akylyň giç gelýän ekeni, senden ýaşuly bolmaz, seniň bilen sözleşmek-de parz däldir. Heleýiňi al-da, düş öňe. Öýde kim bar?
Orazsoltan her elini bir söýä diräp, gorkunç gözlerini türkmene dikdi.
— Öý bilen işiň bolmasyn!
— Öýdäkilere çyk diý, eger bolmasa, çatmaňy otlarys.
— Öý öwlüýädir, Hudaýyň gazabyndan gork.
— Adamyň gazabyna çydan, Hudaýyň gazabyna-da çydar.

Iki pürsiýan atdan düşüp, gapa topuldy. Ýüzi ak esgä dönen Orazsoltan şatärime ýapyşyp, olaryň ýoluny baglady, sögündi.
— Sen şekilli türkmeniň tohumy tükensin! Pürsiýana syrtyňy diräp, ejize ganymlyk edýänsiň, Hudaý ýüzüni ýeňsäňe öwrer.
— Siziňkini öwürmändir-ä, sizi ýalkan Hudaý meni-de ýalkar, ha-ha-ha!
Nökerleriň hersi Orazsoltanyň bir golundan çekdi. Orazsoltanyň eli şatärimden sypmady, ýaňy tutulan öýüň süňňi sarsyp, tärim jygyldady. Zorluga garap durmaga Atanyýazyň takaty ýetmedi, topuldy, nökeriň ýeňsesinden ýapyşdy. Nöker zomap, yzyna döndi, düşnüksiz bir sözleri gygyrdy, soňra-da ullakan gara ýumrugyny düwüp, är güýji bilen Atanyýazyň, ýüzüne gülçüldedip urdy. Atanyýaz serrelip gaýtdy.
Orazsoltany ahyry gapdala südürläp, gapydan aýyrdylar. Ol güýjüniň asgyndygyna kaýyl bolmady, penjesini gerip, nökerleriň üstüne garaguş kimin topuldy, gamçydan heder etmedi.
— Men dirikäm siz şol gapydan girmersiňiz.
Orazsoltany ýere ýazdylar, ýüzi-gözi guma garyldy. Ýatan ýerinde sokma gapynyň serpilenini, içerdäki ejizleriň gorka düşüp gygyrýan eýmenç seslerini eşitdi. Namysyň bimöçber azaby ony eňretdi. Bagryny, ýüzüni gara ýere oýkap, Hudaýa nalyş etdi, bu ýalançynyň bet işini görkezme, gözlerimi gap diýdi, bigänäniň haram sözüni eşitmäýin, gulagymy gap diýdi, Ezraýyly ýolla, janymy alsyn diýdi.
Içerdäkileri kowup çykardylar, gamçylaryň şarpyldysynyň astynda alyp gitdiler. Dünýä çagalaryň, aýal-gyzlaryň zaryn sesine gaplandy.
Atanyýaz bilen Orazsoltan alaçsyzja olaryn yzyna düşdi.
Öz başyndan inen kemsitmeden soň, Atanyýaz obanyň içinde dowam edýän tutda-baslyga geň galmady. Ol bialaçdygyny duýdurýan şekilde ýüzüni galdyrman barýardy, diňe basjak ýerini görýärdi. Töwerekdäki sesleriň habar berýän ahwalatyna syn etmese-de, olary göz ösüne getirip, özüçe görüp barýardy. Aýhanyň ýurdundan aýal sesi juda aýylganç çykdy. Akmyrady heläklän bolmaklary-da ähtimaldyr. Akmyrat ýaraga erk edip bilýär, Akmyrat masgaralyga kaýyl bolmaz, ölinçä gidişer.

Gidişse-de, ýagynyň gutarjak gümany ýok, olar köplükdi.
Atanyýaz ýene ogullarynyň ýokdugyna şükür etdi. Ýagynyň köplüginde, olara gaýtawul bermek artykmaç pida getirer. Eger gözleri bilen görüp duran bolsadylar, ýaraga ýapyşmaly bolardy. Namysy diňe ýarag bilen goramalydy. Akmyrat namysjaň ýigitdir, Akmyrat ölse-de, eli ýaragly öler.
Akmyradyň öýüni otladylar. Sähel salymdan öýüň tutuş süňňi tüssä gaplandy. Hiniň agzy ýaly garalyp görünýän gapydan çugdam-çugdam çal tüsse burugsady. Öýüň goşuny talaýan nökerler tüsseden heder etmän telim öwre girip çykdylar.
Zorluk bilen sürlüp getirilenleriň arasynda Jeren-de bardy. Ol syrkaw oglunyň üstüne kökenek gerip oturşyna käýindi:
— Iki naçary gaýtaryň diýip dilim syryldy. Sizde bar gaýrat ilde ýokmuşmy. — Ol çagany ýorgança gaýym dolap, goltugyna gysdy. — Öýi otlanlary bilen oňmaz bular. Alan zadyňyz ýamanyňyza ýarasyn!
Atanyýaz gaňrylyp öz öýüne garady. Talaňçylyk onuň öýünde-de başlanypdyr. Pürsiýanlar şu bähbit bilen gelendirler. Egnine haly düşekleri atyp, gapyda duran atlarynyň syrtyna bökderýän pürsiýan nökerlerini görende, ol aňalyp galdy. Baýlygynyň dargadylýandygyna gynanmakdan ötri, başga bir ýagdaý ýarasyna duz sepdi: sekiz ganat ak öýi, nohurly ussa bir süri mal berip ýasadan, dünýä kimin giň, eşretli, sapaly öýi, durmuşyň lezzetiniň, höziriniň gutarandygyny duýduryp, hazan uran ýurtda galan betbagtlyk nyşanyna öwrüldi, kibtini gysdy.
Ysgyn-mydary gaçyp, süýegini zordan süýrep gelýän Orazsoltan alaçsyzlygyny boýnuna alan adamyň biperwaýlygy bilen hüňürdedi.
— Öýi otladylar, Hudaý bi ganymlara göz görkezer.
Akmyrat ata çykan ekeni. Ol guş kimin gaýdyrylyp yzyna düşen bäş nökere per bermän, ýanýan öýüň üstünden indi. Başy ýalaň, egni köýnekçe, elinde gylyç. Topulyşyny synlanyňda bu garpyşyk oňa keýp berýändir, atynyň ýyndamlygyna, gylyjynyň kesgirligine guwanýandyr diýäýmelidi.
Talaňçylyk bilen başagaý nökerler onuň golaý gelendigini duýmadylar. Kowup gelýänleriň galmagalynyň belende galmagy olary töwerege garamaga mejbur etdi. Haýkyryşyp, çar tarapa

pytradylar, emma giçdi. Akmyrat ýüzugra daýaw pürsiýany çapyp geçdi. Onuň yzyna düşen atlylar güreldi.
Orazsoltan gazap bilen bir sözüni gaýtalady.
— Öý otlap-da, henize-bu güne Hudaýyn gazabyndan sypan ýokdur.
Obanyň içi arynyň ketegine kesek taşlanana döndi. Öýlerden saýgylanyp çykarylan oglan-uşagy, aýal-gyzy, garry-gurtyny ortaky alaňyň gapdalyna ýygnajak bolýardylar. Sarç maly islemedik uguryna sürjek bolanynda hupbat görkezişi ýaly, adamlary öýlerinden çykarmak aňsat düşmedi. Boşan öýleriň talanyp başlanmagy olaryň garşylygyny has-da artdyrdy.
Sähet çopanyň öýüni otlanlarynda Sona bilen Tylla elewräp, adamlardan dalda isläp gygyrdy. Nökerler hiç kimi golaý eltmedi, gaýta öýüň eýelerini saýgylap, gollaryndan süýräp alyp gaýtdylar.
Öýi talapdylar.
Tylla zarlady.
— Enem galdy… waý, öýüň içinde garry enem galdy.
Sona gursagyna urdy.
— Eşrediň dereksiz ýitenini az gördüňmi, Huda-aý!
Tylla delmuryp Atanyýazyň ýanyna bardy, özelendi,
— Enem çykyp bilmez, diriligine ýanar, ýöräp bilenog-a ol pahyr. Aýdyň-a, düşündiriň-ä bi ganymlara. Atam ýykylyp galdy, gapyda ýatyr, küküregine urdular, şo ýykylyşy, galmady. — Ol Atanyýazyň jogabyna garaşyp durman, Tagan mollanyň golundan ýapyşdy. — Molla aga, siz aýtsaňyz hä diýerler, bi ganymlara Hudaýy ýatladyň, enem pahyr geplemäge-de ýaranokdy, köýüp galar.
Tagan molla:
— Kepiriň imany-da bolmaz, Hudaýy-da bolmaz — diýdi.
Tylla ýaşyl tüssäniň astyndan galan ýalny görüp, erbet gygyrdy:
— Waý, ene-e-e… Enem ýandy-le-eý… Enem ja-a-an!
Ol öýe okduryldy, nöker ýoluny baglady, gursagyna urdy. Sona-da ýol bermediler, ýere ýazdylar. Ol gygyryp oturyşyna ýer ýumruklady.
— Dowzaha dönmüş dünýä-ä, dowzaha döndüň. Waý, gözüň alnynda diri adam oda ýansa, nähili bolare-e-eý…

Atanyýaz töwella etjek boldy, sözüne gulak asmadylar, gaýta gaşlary hüžžük pürsiýan haýbat bilen gylyjyny gezedi. Dodakman türkmeni agtardy, golaý-goltumda gözüne ilmedi, asyl türkmen görmedi, nirä ýitirim boldularka, ýeriň teýine girdilermikä?
Olar Galkanyň öýüniň gapdalyna üýşüpdirler. Azat edilen iki ýesiri ata mündürip, ýola salmagyň aladasy bilen gümradylar.
Bärde dowam edýän zorluk, talaňçylyk olaryn azaryna-da däldi.
Sähet çopanyň öýi ýalna gaplandy. Tylla elden-aýakdan düşdi, iki nökere baş bermän, olary süýrekläp barýardy.
– Ene ja-an. Ene! Ýandyň-la, ene jan, çykaýsana, ene-e!.. Ýandy-la, köýdi-le!
Iki nöker ony süýrep, duranlaryň ýanyna taşlap gitdi. Tylla uwlap oturşyna, oda garamaga gorkup, elini ýüzüne tutdy.
Ezraýyldan nadyl bolup ýören Towşan eje oduň içinde galdy. Onuň ýetmiş ýaşdan geçen ogly Sähediň jesedi şemalyň güýjemegi bilen has-da burugsap ýanýan gara öýüň gapysynda oduň howruna köýüp ýatyrdy.
Ýagy bilen it urşuny gurup ýören diňe Akmyrat däldi, başga-da bardy. Eýesini ýitirensoň uýanyny süýräp, güpürdiniň arasynda kimiň yzyna düşjegini bilmän, ikiýana urnup ýören atlaryň sany git-gide köpeldi. Eger ýigitler janlaryny saklamagyň aladasyny edýän bolsadylar, munça duşmana taý gelmejekdiklerini bireýýäm bilmelidiler. Häzir olar obadan ara açyp, başlaryny gutarsalar, duranlaryň nadyl boljagy ýokdy, olaryň heläk bolmazlyklaryny dileýärdiler. Emma olaryň bolşy soňuny saýýana meňzemedi. Atanyýazyň düşünişine görä, olar erkek adam hökmünde öz borçlaryny berjaý edýärdiler. Bu borç çagalykdan olaryň beýnisine ornapdy. Möjege haýwan diýjeksiň, süreninden çagasyny aljak bolup gor! Bular-a adam. Bularyň öýüni dargadýarlar, maşgalasyny sürýärler. Olar duşmana göz edip gaýduwsyzlyk görkezýändir diýseň-de, gelişmän durmaz, ýöne bu pikir häzirki ahwalatyň hakyky manysyndan pes geler. Ýigitleriň häzirki bolşy, ýeňşi küýsäp, ýeňşe ymtylyp jeňe girmek däldi. Olar häzir ölümiň howpuny unutdylar. Namys şol howpy büs-bütin ýoga çykardy. Ajyganyňda nan iýmeli, suwsanyňda suw içmeli. Bu ýaşaýşyň kadasy. Bu ähli jandara muwapyk kada. Emma namys ähli jandara berilmändir. Namys işi

adama berlipdir. Adamyň belentligi-de, mertebesi-de namysjaslygynyň möçberi bilen ölçelýär. Atanyýazyň bu pelsepesi güýji öekde duşman bilen gorkusyz söweşýän ýigitleriň mertebesini onuň göz öňünde belende göterse-de, şol belentlik oňa ýakymsyz duýgyny dolap getirdi. Bu ýigitleriň arasynda Atanyýazyň öz ogullary ýokdy. Atanyýaz ogullaryny malyň üstüne ýollanda, ýagynyň dökülmek howpunyň bardygyny bilýärdi. Olary dine malyň aladasy bilen ýollamandygyny ilden gizlese-de, ynsabyndan gizläp bilmedi. Kimdir biriniň üns bermeginden, zorluga çydamadyk adamyň: «Seniň ogullaryň hany?» diýip, soramagyndan heder etdi. Ýigitleriň gaýduwsyzlygynda Atanyýaz gyjyt duýdy.

Akmyrat nökerleriň başyna oýun saldy, dördüsini çapdy. Ondan dynylmasa, arkaýyn talaňçylyk edip bolmajakdygyny aňan ýaly, nökerleriň bary ata çykdy. Çar tarapdan galmagal bilen oňa topuldylar. Akmyrat jylawy Eşretleriň ýanyp duran öýüne tarap öwürdi. Öýüň töwereginde adam galmandy, böwşeňligi peýläp, obanyň günbataryndaky ala çykaryn öýden bolsa gerek. Üç atly onuň öňüni kesmäge howlukdy. Akmyrat olary görse-de, ugruny üýtgetjek bolmady, göni sürdi. Ýapyrlyp, göwresini eýeriň gaşyna taşlady. Kellesi atyň ýalynyň arasynda ýitdi. Golaýlaşan atlylar oňa topulmagyň ebeteýini gözläp, birdem gowuşgynsyzlyk etdiler, şoňa mähetdel Akmyrat eýmenç gygyryp, üzeňňä galdy, galşyna-da elýeterdäki nökeriň boýnundan gylyjy inderdi. Nöker at aýagyna düşüp togalandy. Akmyrat ýene göwresini atynyň boýnuna taşlamakçy boldy, ýetişmedi. Ýeňseden gazap bilen zyňlan naýza gyrçyldap ýagyrnysyndan geçdi. Göwre dim-dik galdy, naýzany taşlajak bolýan şekilde arkan gaýyşdy, iki egni silkindi, soňra göwre diň-arkan gaýtdy. Üsti boşan at takyra çykyp badyny gowşatdy, öwrüm edip yzyna dolandy. Eýesiniň ýokdugyny äleme habar berýän şekilde, boýnuny asmanda galgadyp, iki öwre kişňedi.

Jereniň sesi atyňkydan eýmenç çykdy, ol ogluny bagryna basyp gygyrdy. Ysgynsyz çaganyň gözleri ýalpa açyldy, ejizje gollaryny ejesiniň boýnuna orap iňledi. Mähri çagany öz goltugyna aldy. Jeren boşan ellerini serip, gymyldysyz ýatan Akmyrada tapan haýdady. Nöker goýbermedi. Jeren penjesini

gerip nökere topuldy, onuň ýüzüni-gözüni persala etdi.
Nöker gylyjyna el ýetirdi, Jereni çapjagynyň ujy iki däldi.
Iki aýal haýdap baryp, Jereni tutdular, yza çekdiler. Jeren dyzady.
– Çapsyn meni! Çap, nejis!..
Aýhan gelnine ýalbardy.
– Gelin… gyzym, çagaňa haýpyň gelsin. – Soňra gylyjyny çykaryp, Jereniň golaý gelerine garaşyp duran tüýlek pürsiýandan idin sorady. – Aýal adam bilen deň bolmazlar, erkek adam-a sen.
Pürsiýan golaý gelme diýen äheňde jabjyndy, haýbat bilen gylyjyny galgatdy.
Jeren Mähriden ogluny alyp, gözüni süzüp ýatan mejalsyz çaga ýüzlenip eňredi, zar etdi.
– Ogul, ogul, jan ogul, üýnümi aňla, sözümi diňle. Arkadagym gitdi, ýetim galdyň ogul. Akar suwlar akmaz boldy, biter otlar bitmez boldy. Başymyň bagty gitdi, öýümiň tagty gitdi-le-e-eý.
Aýhan elewräp ýörşüne gyzyny çagyrdy.
– Zyba… Zyba!
Zyba ses bermedi. Zyba ýokdy, onuň ýokdugy häzir adamlaryň hakydasyna geldi. Zyba bolan bolsady, atdan agyp, gymyldysyz ýatan doganyna topulmazmydy, aglamazmydy, eňremezmidi!
Mähri Aýhanyň töwereginde pelesaň urdy.
– Zyba jan öýdedi, daş bosagada durdy-la. Waý, meni öldürmeli, huşum başymdan uçdy, «Ot belasy ýaman, Zyba jan, oduň golaýyna barma» diýdim. Zyba bäri gelmedimi? Waý, gözüm gapylsyn, görmändirin! Zyba!.. Zy-ba-a!..
Olar üýşüp duran adamlaryň arasyna aýlandylar, ýekän-ýekän sorap başladylar.
– Zybany gören barmy? Gyzymy görmediňizmi?
Aýhanyň ýüzüne tüssäniň garasy urupdyr, ýalyn çabrap sakgal-murtunyň uçlaryny çirkizipdir, gözleri ýakymsyz ýitelipdir. Eňegi saňňyldap, çekge damarlary çekip, gabaklary çalt-çalt gyrpylýardy. Howsala ýüzüniň persini bozupdyr. Häzir ol aýylganç ses edip gygyrar diýilse ynanaýmalydy.
– Zybany gören adam dillenewersin… Atanyýaz, gyzymyz ýok… Orazsoltan, Zyba ýok, Zybany ýitirdik.

Orazsoltan:
– Öýüň içinde galan-a däldir? – diýdi.
– Haýsy öýüň?.. Mähri bosagada duranyny gördüm diýýär. Orazsoltan, sen haýsy öýüň gürrüňini edýärsiň?
– Akmyradyň öýüni otladylar-a.
Akmyradyň öýüniň otlanany indi ýadyna düşen ýaly, Aýhan tüsseläp ýatan gara üýşmege allaniçiksi garady, soňra gorky bilen Orazsoltana seretdi.
– Sen görüp diýýän bolma, Orazsoltan?
– Men nireden göreýin, Aýhan, ätiýaçdan aýdýan.
Aýhanyň şübhesi artdy.
– Mähri, Zybany haýsy öýüň bosagasynda gördüň?
– Öz öýümiziň bosagasynda.
– Akmyradyň öýüniň ýanyp duran pursaty nirededi, sen şony aýt maňa?
Mähri ýaýdanyp durşuna aglady.
– Zybany görmedim, men-ä oduň golaýynda Zybany görmedim, dädesi.
Aýhan Akmyradyň tüsseläp ýatan ýurduna tarap gitdi, ony hiç kim saklamady.
Şabibiniň çirkin sesi Taýlagyň atdan agdarlandygyny aýan etdi. Nediriň howpuny adamlara ýaltanman duýduryp gelen Taýlagy pürsiýanlar gylyçlap öldürdiler. Atanyýazyň çakyna görä, eger ol adamlaryň arasynda jan beren bolsady, soňky deminde-de, özüniň mamla bolandygyny tekrarlardy: «Gördüňizmi, meniň diýenim bolandyr» diýerdi.
Sülgün öýüni talamaga baranlar bilen darkaş gurdy. Uly ili bilen gygyryp, nökerleriň elindeki goşlara, haly-palasa ýapyşdy. Ony ýere ýazdylar, gorkar, demini dartmaz öýtdüler. Sülgün zyňlan tomzak kimin gaýtadan topuldy. Bu sapar onuň elinde gyrkylyk bardy. Gyrkylygy işletmege maý bermediler. Atly nöker çapdyrylyp gelip, Sülgüniň gursagyndan naýzany sünçdi. Galkanyň aýaly gaýyn enesiniň ýykylanyny görse-de, gygyrmady, ol çagalaryny daşyna üýşürip, töwerekdeki galmagala, tutda-baslyga dahylsyz, aňalyp durdy.
Obanyň içinde tutluşyp ýören atlylar azaldy. Nökerler eýesiz galan öýleri talamagy dowam etdirdiler.

Aýhan oglunyň ýanan öýüniň külüni dörüp, gyzyny gözleýärdi.
Nökerler bilen oba çozan türkmenler talaňçylyga ýüz urmadylar. Olar ýigrimi atly çemesidi. Obadan saýlandylar. Ýesir düşen ildeşlerinden başga alyp gidenleri boldumy, bolmadymy, ol hakda hiç kim zat aýtmady. Zybadan derek ýokdugy, ähtimal, şolar bilen baglydyr? Bu sowal Atanyýazyň serinden çykmady.
Şemal güýjedi. Çaň-tozan asmanyň ýüzüni murdar çal reňke gaplady. Atanyýaz muňa hazan ýeli diýip düşündi. Gapdalynda duran Tagan mollanyň häli-şindi Hudaýy ýatlap, doga okap durmasy, obany ýas ýerine öwürdi. Ýas kemi ýokdy, birgiden adam öldi.
Atanyýaz birek-birege ysnyşyp, çugdam duran märekäni synlanda, boljak işiň bolup gutarandygyna göz ýetirdi. Bu ysnyşykda, gaýymlykda howpa, zorluga gaýtawul bermegiň aýgydyny duýdy. Olar üçin tire tapawudy ýitipdi, öýke-kine, ýigrenç ýatdan çykypdy.
Alaňlaryň, ýalaňaç depesinden çäge syrady. Şemal tozadyp, bir alaňy başga bir ýere göçirýär. Gum çäge owuntygyndan döreýär. Ygal ýagsa, çäge berkeýär, owuntyklar biri-birine ýelmeşýär. Ýelmeşen çägeni tozatmak, göçürmek, şemala başardanok. Öýlerinden kowlup, bu ýere ýygnalan adamlaryň bolşundan Atanyýaz ýelmeşen çägäniň berkligini duýdy.
Barybir bu ynam Atanyýazy masgaralykdan dyndaryp bilmez, ol muny eýýäm aňypdy. Bagaja obasynyň başyndan inen bela-beter teke iline ýaýrar, ýaýrajagynyň ujy iki däldir. Iliň arasynda adalat diýip, agzynda aş gatyklaýan akmaklar gytmy, olar ýagynyň çozmagynyň sebäbini gözleýärler, belanyň körügi Galkan batyryň etmişinde diýerler. Obanyň çekjek pidasy artdygyça, dyzmaç ýigitleri çapawulçylykdan saklap bilmedik ýaşulularyň, ýeňi bilen-de, Atanyýazyň ýazygy artar. Nökerler adamlary ýöne ýere ýygnan däldir, talaňçylygy gutaryp, mal ýaly sürüp ugrarlar, haram keýpi küýsäp, aýal-gyzlara el garjagy-da tapylar. Agyr sütem şoldy.
Aýhan dolanyp geldi. Çäkmeni, ak köýnegi, ýüz-gözi tutuşlygyna külüň gara çyrşagydy.
– Zyba ýok ekeni, ýanan öýde-hä Zyba ýok ekeni – diýip, adamlara habar berdi, ýene bu habary gynanypmy ýa-da begenip

aýdýarmy, hiç kim düşünmedi. Ýene ýeken-ýeken duranlardan Zybany sorap başlady. Hiç kimden göwnejaý jogap eşitmedi.
– Ýetim guş diýeni Zybanyň özi bolmasyn?..
Bu sowala adamlar düşünmedi. Aýhan aglap duran Mähriniň ýanyna dolandy.
– Biz günä etdik, Mähri – diýdi. – Bize günäden sypma ýokdur, ýetim guşy ýitirdim, Mähri. Uçdy gitdi, gonan ýerini kimden soraýyn-ow!..
Obanyň garawsyzlygy nökerleri arkaýynlaşdyrypdy. Talaňçylyga şeýle bir kelleleri gyzdy, soňabaka adamlary saklap duranlar hem jähennemä urup, talanmadyk öý gözlediler. Ölen nökerleride ýygnajak bolýan ýokdy. Her kim tapan-tupanyny atyna basdy. Atlara özleriniň-de münüp gitmelidikleri, ýoluň uzakdygy, agyrdygy olaryň hakydasyna gelmeýän bolarly.
Olar açgözlügiň pidasy boldy. Gün depä galanda Kiçi serdaryň atlylary günbatardan indi. Olary Galkan batyr alyp gelipdi.
Sähel salymyň içinde obada başy dik nöker galmady. Gaçan gaçdy, gaçmadyk gylyçdan, naýzadan geçirildi. Gaçanlaryň-da gutuljaklary gümanady. Olaryň yzyndan kowgy gitdi.
Aýhan obany elek-soky etdi, Zybany tapmady. Akmyradyň başujunda aglap otursyna, öli ýatan ogluna derdini aýtdy:
– Akmyrat, oglum, Zybany diri ýitirdim…

---

1 Çaraýna – ok geçirmezlik üçin demirden esbap.
2 Jöwşen – söweşde geýilýän demir don. Taryhy proza